TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ

HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

Beýik akyldarymyz we söz ussadymyz Magtymguly Pyragy özüniň döredijiliginde: «Akyl kesmez, dür ýasalmaz ussatsyz», «Magtymguly, tälim algyn ussatdan» «Ýaşlara ýol görkezmek üçin ussatlar gerek», «Görelde bolup hyzmat edýän akyldarlar gerek», «Pähimli we mähirli adamlardan sapak al», «Öz ussatlyklaryny ýokarlandyrmak üçin ussadyň endiklerini onuň şägirtleri özlerine geçirýärler», «Mugallymyň kömegi bolmasa, akyl edinmersiň» ýaly ündewleri öňe sürýär. Bu bolsa onuň jemgyýetde ussatlyga we ussada beren aýratyn ähmiýetinden habar berýär [1, 3 s.].

Dörän şu mümkinçilikden peýdalanyp, halkaraçy-alym we diplomat hökmünde men, özümiň ynançlarymyň, umuman, dünýägaraýşymyň emele gelmeginde we kämilleşmeginde beýik akyldar şahyrymyzyň döredijiliginiň uly orun tutandygyny aýratyn belläp geçmekçi. Bu bolsa maňa köp derejede Watanymyzyň ösüşiniň esasy ugurlarynyň ençemesi boýunça üstünligiň iň ýokary derejelerine çykmaga we onlarça ýyllaryň dowamynda iň ýokary diplomatik wezipeleri talabalaýyk, ýokary netijeli dolandyrmagyň girewlerini elimde mäkäm saklamaga mümkinçilik berdi. Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işgärleri tarapyndan beýik şahyrymyzyň döredijiliginiň hemişe düýpli öwrenilmegi we onuň amaly işde döredijilikli peýdalanylmagy ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň, onuň daşary syýasatynyň netijeliliginiň yzygiderli artmagyna ýardam eder.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmany. Magtymguly eserler ýygyndysy. – A.: TDNG, 2014.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – A.: TDNG, 2020.

3. *Magtymguly*. – A.: TDNG, 2008.



**Jumamyrat Gurbangeldiýew**

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory,*
*taryh ylymlarynyň kandidaty.*


# XVIII ASYRDAKY ORTA GÜNDOGAR GEOSYÝASATYNYŇ «ULY OÝNUNDA» MAGTYMGULY GÖÇÜMI

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda öňdebaryjy ylmy-barlaglary alyp barmak üçin döredip berýän zerur şertleri alymlarymyzy we bilermenlerimizi täze-täze açyşlara ruhlandyrýar. Şu nukdaýnazardan beýik akyldar şahyrymyz

Magtymguly Pyragynyň ömür-döredijilik mirasynda täze sahypalaryň we ylmy-taryhy çaklamalaryň ýüze çykarylmagy tebigy bolup durýar.

Ýokarda aýdylanlar bilen baglylykda, adamzat paýhasynyň genji-hazynasynda mynasyp orun alan Magtymgulynyň parasatly ýörelgeleriniň diňe bir öz döwrüniň milli çygyrlary bilen çäklenmän, eýsem, giň sebit wakalaryna hem öz degerli täsirini ýetirendigi barada ynamly aýtmaga esaslar bar.

Hususan-da, bu türkmen asylly we XVIII asyryň Orta Gündogarynda ykbal kesgitleýji orun eýelän hökümdarlar Nedir şanyň we Ahmet Dürranynyň syýasatlary bilen baglydyr. Takyk bar bolan subutnamalara görä, Magtymguly ol döwürlerde ýaş ýigit hem bolsa, öz halkynyň ykbaly bilen bagly meseleleri çözmek üçin dürli gepleşiklere we geňeşlere gatnaşypdyr. Şunuň bilen baglylykda bolsa, onuň aýratyn hem Ahmet Dürrany bilen ýakyn aragatnaşykda bolandygy bellidir.

Eger-de taryhy taýdan ol eýýamlara syn berilse, onda Ýewropada uly özgerişlikleriň bolup geçendigini ýatlamak zerur. Bu babatda aýratyn hem Russiýa imperiýasynyň taryhy sahna çykmagy bilen, onuň Ýewropa tarap «penjire» açanyndan soňra, ýüzüni Gündogara, has anygy Hazar we Merkezi Aziýa sebitlerine tarap öwrenligini ýatlamak ýerliklidir. Pýotr I meşhur Hazar ýörişini amala aşyrsa-da, onuň ýollan Bekowiç-Çerkasskiniň serkerdeligindäki Hywa ýörişi pajygaly tamamlanypdy. Ol döwürlerde Osman imperiýasy hem özüne mahsus syýasaty alyp barypdy we Prussiýa Ýewropada öz agalygyny ornaşdyrmaga ymtylypdy.

Täze döwrüň başynda gowşap başlan Eýran üçin XVIII asyryň birinji çärýegi aýratyn agyr döwür boldy. Sefewiler döwletine garşy gozgalaňlar başlandy. Şeýle gozgalaňlaryň iň ulusy owganlaryň (gilzaýlaryň) gozgalaňydyr. Gozgalaňçylar Eýranyň esasy ýerlerini basyp alyp, Tahmasp şany öz ellerindäki oýnatga öwürdiler. Şa gozgalaňçylaryň baştutanynyň kellesine şalyk täjini öz eli bilen geýdirdi. Bu döwürde bir tarapdan owganlar, bir tarapdan Russiýa, bir tarapdan Osman imperiýasy Eýrany paýlaşmaga başlapdylar.

Şeýle kynçylykly ýagdaýda başga bir türkmen hökümdary – Nedir şa syýasy göreş meýdanyna çykýar. Ol owganlary kowmak we daşky duşmanlaryň ýurdy paýlaşmak meýlini ýok etmek ýaly wajyp meseleleriň hötdesinden gelýär. 1736-njy ýylda şalyk tagtyna oturyp, Eýranyň taryhynda öz nebere-si owşarlaryň ady bilen nobatdaky türki nesilşalygyny esaslandyran Nedir şa döwrüniň geosyýasatyndan ussatlyk bilen baş çykaran diplomatdy, strategdi. Ol Orta Gündogary daşary ýurtlaryň kolonial üleşiginden goramagyň açarynyň deňizleriň gözegçiligini öz eliňde saklamak bilen berk baglydygyna düşünýärdi. Hazar deňziniň kenarlaryny eýelemegi maksat edinýän Nedir şa 1743nji ýylda iňlis raýaty Eltonyň ýolbaşçylygynda Hazar deňzinde harby flot döretmek bilen baglanyşykly işlere başlaýar. Nedir şanyň başlangyçlary ruslary howsala düşür-

se-de, taraplaryň Hazar deňzi sebitinde alyp barýan işleri olaryň arasynda uruş hereketleriniň başlanmagy üçin esas döredip bilmändir. Nedir şa Pars aýlagynda Eýranyň agalygyny dikeltmek üçin Buşirde flot döretmäge girişýär [3, 22 s.].

Şu ýagdaýlarda Hazaryň gündogar kenaryny eýeläp oturan türkmen taýpalary hem öz geljekki ykballary barada çynlakaý alada edýärdiler. Türkmen topragynyň günorta, gündogar we demirgazyk çäkleri goňşy şalyklaryň we hanlyklaryň güýçli basyşy astynda galýardy.

Nedir şanyň ýaşan XVIII asyry çylşyrymlydy, gowgalydy, halkara gatnaşyklarynda dünýä hökümini ýöretmek ugrunda özara bäsdeşlige giren iri döwletleriň arasynda diňe öz bähbidini goramak üçin başlan jeň-dawalaryň, uruşlaryň adaty zada öwrülen zamanasydy [12, 80 s.]. Nedir Horasana, onuň düzümindäki Günorta Türkmenistana özüniň geljekki ýörişleri üçin strategik daýanç nokady hökmünde garapdyr we bu babatda Merw welaýaty onuň aýratyn alada bilen gurşap alan ýerine öwrülýär. Nediriň tagallalary bilen 1734 – 1735-nji ýyllarda Soltanbent dikeldilipdir we Murgap, Sarahs etraplarynda boşap galan ýerler abadanlaşdyrylmaga başlanypdyr [23, 210–212 ss.].




**Delini eýelänsoň Nedir şanyň ogly Ryzaguly mürzä Horasanyň ilatyny salgytlardan boşatmak baradaky permany. Çeşme: фонд «Сношения России с Персией» Архива внешней политики России**

Öz döwrüniň çylşyrymly geosyýasy şertlerinden oňat baş çykaran syýasatçy, beýik strateg, ussat diplomat hökmünde Nedir şa ilki bilen türki gelip çykyşly halklary özara raýdaşlyga, bir baýdagyň astyna jemlenmäge çagyrypdyr [12, 81 s.]. Nediriň Horasany ýurduň beýleki welaýatlaryndan aýry tutandygyna, oňa ýeňillikleri berendigine degişli deliller ýeterlik. Nediriň Hindistandan alan baýlyklarynyň hasabyna tutuş ýurduň ilatyny esasy salgytlardan (7 görnüş) 3 ýyl boşadandygy köplere mälim [27, 116–120 ss.], şeýle hem onuň şa Tahmaspa diýenini etdirip başlan dessine 1731-nji ýylda Horasany 3 ýyllyk salgytdan boşatmak, 1733-nji ýylda ýene-de bu welaýatyň ilatynyň köp salgytlaryny aýyrmak baradaky permanlary mälimdir. Şu maglumatlardan görnüşi ýaly, Nedir Horasany jemi 9 ýyl salgytdan boşadýar [15, 73–74 ss.], [26, 96–97 ss.]. M.R.Arunowa Nedir şanyň hijriniň 1151-nji ýylynda (1739 ý.) Eýranyň we Horasanyň ilatyny esasy salgytlardan boşatmak baradaky permanyny tapyp, neşir etdirýär [27, 116–120 ss.], [26, 228 s.]. Muhammet Kazymyň sözlerine görä, 1731 – 1732-nji ýyllarda Nediriň Maşatda geçiren emeldarlaryň mejlisinde ýurtdaky kynçylyklary göz öňünde tutup, 3 ýyllap ilaty ähli salgytlardan boşatmagynyň sebäbi ilat garyplykdan saplanmalydy, kärizleri, kanallary, tozdurylan obalary, pelleri abadanlaşdyrmak bilen meşgullanmalydy, öz ýerlerini işläp bejerip bilmejek daýhanlardan döwlet iň ýokary baha kesip, şol ýerleri satyn alyp, döwletiň hasabyna abadanlaşdyrmalydy, gowy ýerlerde onlarça täze obalar döredilmelidi [23, 210–215 ss.].

Magtymguly – XVIII asyrda türkmeniň döwletsizliginiň, türkmen taýpalarynyň agzalalygynyň derdini çeken şahyr [19, 105 s.]. Beýik türkmen binasynyň gurulmagyny arzuw eden Magtymguly şol bir wagtda öz halkynyň Gündogaryň geosyýasy meýdanynda atyny ýeke çapyp bilmejekdigine anyk göz ýetirýär. Şu sebäpli hem ol Owgan döwletini esaslandyryjy Ahmet şa Dürrany bilen ençeme garaýyşlaryny paýlaşypdy. Iş ýüzünde bolsa Magtymguly diňe eli döwet-galamly şahyr bolman, eýsem, kämil çykan hakyky milli halk diplomatiýasynyň wekili bolupdy.

Magtymguly şol wagtky türkmen tire-taýpalarynyň dagynyklygy we goňşy döwletler tarapyndan agzynyň alardylýan, milli döwletliligiň ýok zamanasynda diňe bir berkarar döwletiň ruhy binýadynyň kerpijini goýmaga çalyşman, eýsem, öz döwrüniň çylşyrymly jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýyndan içgin baş çykaryp bilen şahsyýet hökmünde iş ýüzünde onuň düýbüni tutmakda ilkinji ädimleri ätmäge synanyşypdyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Magtymgulynyň 2013-nji ýylda neşir edilen eserler ýygyndysyna sözbaşy hökmünde ýazan «Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmany» atly makalasynda: «Magtymgulynyň ýaşan zamanasy örän çylşyrymly we dartgynly döwür boldy... Magtymgulynyň beýikligi şol

döwürler dagynyk ýaşan külli türkmen ilini ilkinji bolup, bir bitewi millet hökmünde saýmagyndadyr we muny wagyz etmegindedir» diýip ýazýar [1, 5–6 ss.].

Ençeme asyryň döwletsizliginden soň, türkmen tire-taýpalarynyň başyny birikdirip, berkarar türkmen döwletini döretmegiň jarçysy bolan Magtymguly munuň üçin, ilki bilen, döwrüniň geosyýasy ýagdaýyny ilik-düwme öwrenipdir. Gündogarda döwlet döretmegiň ilkinji daýanç sütünini adyl şada görüp, «Wagzy-Azat» eserini döreden atasy Azady bilen maslahatlaşypdyr. Ataly-ogluň «Oglum – Azadym» aýdyşygy-da ony subut edýär. Biziň çuňňur ynanjymyza görä, Magtymguly mongol çozuşlaryndan soňra türkmeniň düýp ojagyndan örňemäge mejbur bolup, Hindistany, Orta Gündogary, Kawkazy, Anadolyny öz içine alan halajy, akgoýunly, garagoýunly, osman, sefewi, owşar türkmenleri tarapyndan gurlan döwletdir şadöwletleriň döwlet guruş tejribesini çuňňur öwrenip, olaryň meşhur şalarynyň oňyn mirasyny geljekde ata Watanda «ýurt binamyz gaýym bolsun, goýulsyn» diýýän döwletiniň binýadyny tutmalydygyna magat göz ýetiripdir.

Gahryman Arkadagymyzyň agzalan makalasynda nygtaýşy ýaly, şahyryň ýaşlygy owşar türkmenleriniň hökümdarlyk eden döwrüne, kämillik kelamyny söýlän döwri gajar türkmenleriniň hökümdarlyk eden döwrüne gabat gelýär. Milli Liderimiz Magtymgulynyň ýaşan döwrüniň çylşyrymly syýasy ýagdaýyny seljermek bilen, owşar we gajar hökümdarlarynyň-da türkmenlerdigini, ýöne türkmeniň milli bähbitlerine ýeterlik derejede üns bermedik bu hökümdarlygyň ikisinden hem türkmen halkynyň-da, Magtymgulynyň-da göwnüniň suw içmändigini anyk aýdýar. Arkadagymyzyň sözleri bilen aýtsak, «Bu döwletleri Magtymgulynyň, halkyň isleýän milli türkmen döwleti diýip atlandyrmak kyndy. Şonuň üçin Magtymguly: «Derdim köpdür diýarymdan, döwrümden» diýmek bilen, özüniň zamana bolan garaýşyny açyk aňladypdy. Ine, şu çylşyrymly we ýowuz zamanada Magtymguly halkyň «ykbalynyň oňmagy», «sowulmaz ýaza ulaşmagy» üçin ýol agtarýardy. Magtymguly Buharada ýa-da Hywada, Owganystanda ýa-da Hindistanda, ýa-da başga bir ýurtlarda ýol söküp, «ilden-ile aralap» ýörkä-de, onuň pikir-hyýaly, dert-aladasy türkmen topragy, türkmen halky we onuň ykbaly bolupdyr» [1, 6 s.]. Ýazyjy O.Ödäýew türkmenleriň gyzylbaşlar, gajarlar bilen oňuşman gezen ýyllarynyň-da, bir maksat tutunyp ýaşan ýyllarynyň-da bolandygyny, Magtymgulynyň gajar serdary Muhammethasan hana bagyşlap «Aly Siziňdir» diýen belent waspnamany ýazandygyny aýdýar. Ýazyjy aslynda, gelip çykyşy türkmen bolan gyzylbaşlaryň, gajarlaryň mezhebiniň başga ekendigini, emma mezhep aýrylygynyň oňat gatnaşyga, doganlyk-dostluga päsgelçilik bolup bilmändigini belleýär [19, 108 s.].

Hawa, şol çylşyrymly syýasy şertlerde Magtymgulynyň diplomatiýasy bilen bagly bolan türkmen hökümdarlarynyň ikisine – owşar türkmenleriniň şadöwle-

tini döreden Nedir şa hem-de onuň dargan döwletiniň binýadynda Owganystanda garaşsyz döwleti döreden Ahmet şa Dürrana üns çekmegi zerur hasaplaýarys. Çünki bu iki şahs bilen baglanyşykly wakalar türkmenleriň goňşy döwletler bilen gatnaşyklarynda Magtymgulynyň nähili diplomatik tagallalary bitirendigine göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Nedir şa Horasany özüniň esasy daýanjy hasaplap, ony ykdysady taýdan berkitjek bolýar, emma horasanlylar, aýratyn-da, ýomut we gajar türkmenleri Nedirden ahmyrly gajar hanyny – Muhammethasany goldaýarlar[1]. Muhammethasan daýysy Begenjaly beg bilen bilelikde 1743 – 1746-njy ýyllarda gozgalaň turuzýar. Türkmenleriň Muhammethasan Astrabada 30 müňli goşun bilen ýöriş etmegi[2] we diňe Astrabady däl, eýsem, Mazenderan welaýatyny hem basyp almagy täze geosyýasy ýagdaýy döredipdir. Taryhçy J. Hatamow Magtymgulynyň bu waka bagyşlap «Siziňdir» goşgusyny döredendigini ýazýar. Taryhçy alym bu şygryň kime bagyşlanandygy barada alymlaryň arasynda ýarym asyrdan gowrak dowam edýän jedelde belli bir karara gelinmändigini ýazýar [15, 74 s.].

Edebiýatçy alym A.Bekmyradow özüniň «Magtymguly hem Ahmet Dürrany» atly makalasynda şahyryň «Arşy aglaýa» goşgusynyň hem şol döwürde döredilendigi, ony hut öz dili bilen onuň gaşynda okap berendigi barada netije çykaryp, Magtymgulynyň şol bir wagtyň özünde ilki bir hany, soňra ikinjisini öwüp, agyp-dönüp durmajakdygy barada nygtaýar [28, 184–185, 188 ss.] we «Aly siziňdir»-iň Ahmet şa bagyşlanandygy barada netijä gelýär [15, 74–75 ss.].

Ahmet şa Sebzewary özüne tabyn edip, Astrabada ugraýar. Astrabadyň bir parsah (6 km.) golaýynda tuguny dikýär. Ýöne Astrabatdan eýýäm gajarlar çykyp giden eken [34, 72 s.]. Edebiýatçy alym A.Aşyrow Ahmet şa Dürrany bilen türkmen wekiliýetiniň duşuşygynyň Astrabadyň golaýynda bolandygyny çaklaýar. Alymyň pikiriçe, şol ýerde Ahmet şa öz adatyna görä, türkmen taýpalarynyň han-begleri bilen duşuşan bolmaly. «Çünki Ahmet şanyň türkmenlere iberen hatyndan mälim bolşuna görä, gökleň hanlary öz goşunlary bilen Ahmet şanyň çakylygy boýunça Maşat we Nyşapur söweşlerine gatnaşyp, soňra şa goşunynyň düzüminde Astrabada gelen bolmaly. Ine, şol ýerde hem Magtymguly Ahmet şa bilen duşuşyp, onuň gaşynda «Arşy aglaýa» goşgusyny okap berendir». A.Aşyrow özi puştu dilinde şygyr ýazan Ahmet şanyň şahyrlara sarpa goýandygyny belläp, Astrabatda bolan mahaly Magtymguly barada eşidip, ony öz ýanyna çagyrandyr diýen pikire gelýär [4, 303–304 ss.].

Taryhçy, akademik M.Annanepesow Magtymgulynyň «Siziňdir» goşgusyny Eýranda 1797 – 1834-nji ýyllarda hökümdarlyk eden Fethaly şa bagyşlanandyr

1 Onuň ýanynda ýomutlardan we gökleňlerden düzülen 3 müň adamlyk hemişelik goşun bolupdyr. – *Амантыев О.* История Туркменистана XVIII века. – Ашгабат, 1995. – С.243.

2 Muhammethasanyň esasy goşuny ýomutlardan, şeýle hem söýünhany türkmenlerinden we tekelerden ybarat bolupdyr. – *Амантыев О.* История Туркменистана XVIII века. – Ашгабат, 1995. – С.236.

diýen pikiri orta atypdy [24, 95–96 ss.]. Biz goşgynyň başyndaky «Sür, Feth serdar ogly…» diýen setirleriň alyma şeýle netijä gelmegine sebäp bolandyr diýip çaklaýarys. Ýeri gelende ýatlasak, alymyň bu pikirini inkär eden A.Bekmyradow şygyrdaky «Feth» sözüniň adam ady däldigini, onuň «ýeňiji» manysynda ulanylandygyny, goşgudaky «Maşryga ýüz urup, çyksaň Horasan» diýen setirlere salgylanyp bolsa, kakasy Agamuhammet tarapyndan 1796-njy ýylda Şahruhdan gaýtarylyp alnan Horasana ýörişe çykmak üçin Fethalyda zerurlygyň bolmandygyny aýdyp, şygryň Ahmet şa Dürrana bagyşlanandygyny nygtapdy. Bu ýerde akademik öz-özüne garşy gidýär: ilki Fethaly şanyň 1774-nji ýylda atasy Hüseýingulynyň öldürilendigi üçin türkmenlerden öçlüdigini[3], 1801 — 1802-nji ýyllarda ýomutlaryň we gökleňleriň üstüne iki gezek dökülendigini, munuň üçin olaryň «parslardan ar almak höwesindedigini» aýdýar-da [24, 55 s.], yz ýanyndan «Fetdah» şygrynyň yzynda ýerleşdirilen «Siziňdir» goşgusynda Magtymgulynyň Fethaly şany tagta çykmagy bilen mübärekleýändigini ýazýar [24, 95–96 ss.]. Biziň pikirimizçe, Fethaly şa hakda «Bu gün şa bolar sen, erte geda bolar sen», «Sen türkmeniň ilin, gülün soldurdyň», «Zyndan etdiň bu jahany sen, Fetdah» [17, 30 s.], diýip näletläp goşgy ýazan Magtymgulynyň ol hakda öwgüli goşgy ýazmajagy belli. Biz ondan sähel wagt öňräk kakasy Agamuhammetden hem göwni suw içmedik Magtymgulynyň onuň ogly Fethalyny taryplamandygyna ynanýarys. Edebiýatçy alym S. Myradowyň «Fetdah»[4] goşgusynyň derňewine esaslanyp, hatda Magtymguly bilen Fathaly şa şahsy tanyş bolandyr, goşgy ýazylmazynyň öňüsyrasynda olar duşuşandyrlar, şonda şahyr şanyň gabahat işleri köp edýändigini, halkyň sabyr käsesiniň pürepürlenendigini aýdandyr diýen netijesi bilen [36, 132–133 ss.] hem ylalaşmaýarys.

Goşgudaky «Jahangiriň almazy» diýen sözleri tutaryk edinýän himik alym Ç. Kulyýew bolsa «Aly siziňdir» goşgusynyň Eýranda Gajarlar nesilşalygynyň düýbüni tutan Agamuhammet hana bagyşlanandygyna ynanýar. Edebiýatçy A. Bekmyradow agzalan göwheriň Fethaly şanyň eline 1824-nji ýylda düşendigini nygtap, Magtymgulynyň ol hakda 27 ýyl öňünden bilmejekdigini aýdyp, bu pikiri inkär edipdi. Biz hem bu babatda zehinli edebiýatçymyz bilen pikirdeşdigimizi ýaňzytmakçy. Onsoňam, ýene bir zady nygtamaly. Ýaşlygy Etrek-Gürgen sähralarynda geçen Agamuhammet han, ýomutlaryň ýegeni bolanam bolsa, häkimlige gelensoň, özüne boýun egmedik türkmenleriň üstüne iki gezek ýöriş gurapdyr. Bu

3 Örän gazaplydygy üçin ol «Jahansuz» («Dünýäni ýandyryjy») lakamyny alypdyr. Ol 1777-nji ýylda Sahraý'i surh-i Daşt diýen ýerde gökleň esgerleriniň biri tarapyndan öldürilipdir. – *Амантыев О.* История Туркменистана XVIII века. – Ашгабат, 1995. – С.249–251.

4 Edebiýatçy Muhammetjuma Öwezgeldiýew bu goşgynyň Agamuhammet şa bagyşlanyp ýazylandygyny ýazýar. – *Өвезгелдиев М.* Магтымгулы «Фетдах» дийип кими назарда тутупдыр // Эдебият ве сунгат. – 1980. – 16 авг.

zatlary gözi bilen gören Magtymgulynyň ony taryplap, öwüp arşa çykarmajagy belli [28, 186 s.].

Taryhçy J.Hatamow Magtymgulynyň:

*... On bir ymam goluňyzdan goldarlar,*
*Jylawňyzda ymam Aly siziňdir* [17, 28 s.]

– diýip, şygrynda Muhammethasany göz öňünde tutan bolmagy mümkin. Bu ýerde diňe «Fath serdar ogly» diýip, onuň kimiň ogludygyny aýtmagyny hem esasy delil edip bolardy, ýöne şahyryň «On bir ymam goldarlar» diýip edilýän dilegi getirmegi hem meseläni Muhammethasanyň peýdasyna çözýär» – diýip «Aly siziňdir» atly goşgy baradaky jedele nokat goýýar [15, 75 s.]. Garagalpagystanly alym T. Keruenow Magtymgulynyň «Aly siziňdir»-i Muhammethasan hany söweşe ruhlandyrmak üçin 1756-njy ýylda, ýagny Yspyhanyň basylyp alynmagyna bagyşlap ýazypdyr diýen netijä gelýär [16, 58 s.]. Ýazyjy O. Ödäýew hem bu goşgynyň Muhammethasan hana bagyşlanandygyny, şahyryň:

*Sür, Feth serdar ogly, geldi wagt,*
*Ýene bu döwrany – Aly Siziňdir.*

diýen sözleriniň 1746-njy ýylda Nedire garşy gozgalaň turzup, Astrabady hem Mazenderany eýelän, emma soňra ýeňlip, türkmenleriň arasyna – çöl içindäki guýularyň birine gaçmaga mejbur bolan Muhammethasanyň täzeden aýaga galmagynyň buşlukçysy hem gutlagy bolup eşidilýändigini ýazýar [19, 15–16 ss.].

Ýaşlyk ýyllary ýomutlaryň arasynda geçen Muhammethasan han gajarlar bilen hem aragatnaşyk saklaýardy we 5–6 müň ýomut atlylaryna serkerdelik edýärdi. Muhammethasan han bütin ömrüniň dowamynda Nedir şadan atasynyň ganyny almagy maksat edinip gezdi, göreşdi, gaçdy, kowdy, köplenç ýeňildi. Muhammethasan Begenjaly beg bilen bilelikde 1744 – 1745-nji ýyllarda Horezmde Muhammedaly uşagyň ýolbaşçylygynda ýomutlaryň gozgalaňyny hem goldapdyr [23, 228 s.]. 1750-nji ýylda öz daýysy Begenjaly begiň ýomut atlylaryna daýanyp, Astrabady eýeleýär. 1750 – 1752-nji ýyllarda Mazenderana häkimligini ýaýratdy, hatda Gilýana-da täsirini ýetirdi. Muhammethasanyň ýomutlar bilen arasynyň bozulandygyny eşiden Kerim han Zend 1759-njy ýylda ony öldürýär. Emma ahyrda Muhammethasanyň ogly Agamuhammet han (ol birnäçe ýyllap zendleriň köşgünde zamunlykda bolýar) Eýranda 1796-njy ýylda gajarlaryň dinastiýasyny berkarar etmegi başardy [25, 37–38, 49–51 ss.]. Agamuhammet han gajar owganlaryň Maşatdaky häkimliginiň soňuna çykýar [29, 21 s.].

Nedir şanyň galagoply döwründe syýasatda güýjüň esasy seresi harby kuwwat – goşun hasaplanypdyr. Şeýle bolansoň, Nedir şa öz kowumdaşlaryndan, ýagny türkmen tire-taýpalaryndan özüne ynamdar goşuny döretmäge aýratyn üns beripdir. Nedir şa Astrabatdaky, Etrek-Gürgendäki gökleňleri we ýomutlaryň bir

bölegini özüne gulluk etdirmegi başarypdyr [23, 218 s.]. 1739-njy ýylda Nedir şa Hindistana ýöriş edende, gökleňlerden bolan Hanaly han öz atlylary bilen söweşiň öňüni başlapdyr. Hanaly han Gökleň Nedir şanyň huzurynda bolup, atly goşunlara baştutanlyk edip, onuň ähli ýörişlerine gatnaşypdyr. Hindistana ýörişinde Nedir şany owşar, teke, gajar, ýomut, gökleň taýpalary işjeň goldapdyr. Emma gynansak-da, ähli türkmen taýpalary Nediriň düzen goşunynda gulluk etmäge döwtalap bolup durmandyrlar. Aýratyn-da, bu meselede harby gullukda Hywa hanyna sadyklygyna galan Horezm türkmenleriniň Nedire gulluk etmäge asla boýun bolmandygyny bellemek gerek. 1740-njy ýylyň oktýabrynda Nedir şanyň Hywa ýörişinde Pitnegiň golaýynda 6000 türkmen atlysy Muhammedaly uşagyň[5] baştutanlygynda aýratyn gahrymançylyk we tutanýerlilik bilen söweşipdirler. Güýçleriň deň gelmejegine göz ýetiren türkmenler yza çekilmäge mejbur bolýarlar. Muňa garamazdan, tekelerden, ýomutlardan we beýleki türkmen taýpalaryndan düzülen atly goşunlar häli-şindi Nedir sanyň leşgerleriniň üstüne çozuş edipdirler. Ýeri gelende bellesek, Gowşut hanyň atasy Akmämmet serdar Nedir şanyň Hywa ýöriş eden zamanynda (1740 ý.) teke-ýomut bileleşigine baştutan bolup söweşen ekeni [12, 86 s.].

Üns berilse, Nedir şanyň ýöriş guran ýurtlary we döwletleri (Owganystan, Hindistan, Hywa we Buhara hanlyklary, Kawkaz, Yrak, Anadoly) türkmenleriň köpçülikleýin ýaşaýan ýurtlarydy. Iň esasy-da, türkmenler agzalan ýurtlarda ozal döwlet döredipdiler ýa-da Nediriň ýöriş eden döwründe dowam edýän döwletlerde özleriniň harby kuwwaty bilen şol döwletleriň syýasatyny öz bähbidine gönükdirip bilen täsirli harby-syýasy güýçdüler. Ana, şol hakykata düşünen Nedir şa öz kowumdaşlarynyň güýjüne daýanyp, ony gadymy oguz taýpasy bolan owşarlaryň baýdagynyň astynda jemläp, öz döreden döwletiniň döwrüniň geosyýasatyna täsirini ýetirjek imperiýa öwrülmeginde oňyn maksatlar üçin ulanmakçy bolupdy. Munuň üçin, ilkinji çözmeli mesele – kowumdaşlarynyň özüniň uzaklary nazarlaýan maksadyna meýletinlikde dogry düşünmegidi. Nedir şa ähli türkmenleri bir gola jemlemek maksady bilen ilki mylakat sözi, gerek ýerinde pul, dereje ýa-da ýer bilen höweslendiripdir, onuň geçmedik ýerinde zerur bolsa gara güýji ulanypdyr [12, 86 s.].

Nedir Horezm türkmenleriniň ählisine öz goşunynda gulluk etmegi teklip edipdir we Hywa zyndanlarynda oturan ähli türkmenleri we özbekleri azatlyga goýberipdir. Taryhçy Ö.Gündogdyýew Nedir şanyň 1740-njy ýylda Hywa hanlygyna ýörişinden soň, ol ülkedäki ähli türkmenlere öz goşunynda gulluk etmegi teklip edendigini, tekelere bolsa özüne eden kömegi üçin 500 sany arassa ganly ahalteke bedewini peşgeş berendigini ýazýar. Elbetde, Nedir şanyň teklibine ses-

5 Ol 1710-njy ýylda Tejenden Abiwerde gelende Nedir bilen duşuşypdy we ýeňlipdi. – *Амантыев О.* История Туркменистана XVIII века. – Ашгабат, 1995. – С.196.

lenip, Ýakyn Gündogardaky ýörişlerinde onuň ýanynda bolan türkmenleriň sany az bolmandyr [12, 86–87 ss.]. Nediriň diňe 1744-nji ýylda Anadola eden ýörişine Abiwertden, Deregezden, Nusaýdan, Durundan, Mäne-Çäçeden, Kelatdan Marydan, Sarahsdan we Türkmenistanyň başga ýerlerinden ýygnanan goşunlar gatnaşypdyr. Jemi horezmli, mawerennahrly türkmenlerden ýygnalan leşgeriň sanynyň 60 müň naýzadardygyny [25, 35 s.] göz öňünde tutsaň, taryhy edebiýatlaryň käbirinde türkmenleriň Nedire gulluk etmekden gaçandygy barada örç alan düşünjä känbir ynanasyň gelenok. Herhal, nähili bolanlygynda-da Nedir şanyň ähli türkmen taýpalarynyň harby kuwwatyny sebitde öz döreden iň kuwwatly döwletiniň hyzmatynda goýmak isländigi-hä magat hakykat.

Muhammet Kazymyň beýan etmegine görä, Hywa ýörişinde ýesir düşen ýomutlary şanyň huzuryna getirenlerinde, Nedir olara şa kimin jomartlyk edip, hossar çykypdyr. Sylag-hormat edip, ýesirlikden boşadyp, her haýsynyň öz iline, dogduk obasyna baryp, ýomut ilini köşeşdirmegi, şa tarapyndan olara merhemet we hoşamaýlyk ediljekdigini habar bermegi haýyş edipdir. Ýomutlaryň baştutanlaryny bolsa Nedir şa öz köşgünde gulluk etmäge çagyrypdyr we *Eýranyň, Turanyň haýsy ýerinde ýurt tutmak isleseler* [tapawutlandyrma biziňki – *J.G.*] [23, 223 s.], olara şeýle mümkinçiligi döretjekdigini mälim edipdir. Nedir şanyň ýomutlardan eden ýekeje haýyşy – olam şolaryň özüne tabyn bolmagyny we nöker hyzmatyny berjaý etmegini sorapdyr. Nediriň şu haýyşy boýunça ýomutlaryň serkerdesi Muhammetaly uşak Köneürgenje we Maňgyşlak tarapa çekilen ýomut taýpasynyň arasyna gidýär (onuň Nedire ýesir düşeni ýa-da düşmändigi barada maglumat ýok). Ol öz taýpasynyň içine gelip, uludan-kiçä hemmesini ýygnap, Nedir şanyň permanyny yglan edýär. Emma ýomutlar onuň haýyşy we şerti bilen ylalaşmandyrlar. Akademik M.Annanepesow Nedir şanyň ýomutlara şeýle merhemetlilik görkezendiginiň bir sebäbini onuň söweşe ezber ýomut nökerlerini öz bähbitleri üçin ulanmak islegi bilen düşündirýär [25, 32–33 ss.]. Nedir şa Hywa tagtyna oturdylan Abulgazy II-den (1741 – 1746) 5 müň adamdan ybarat nöker ýollamagyny hem-de hanlykdaky galan teke we ýomut taýpalaryny Horasana göçürmegini talap edipdir [23, 226 s.]. Eýranly taryhçy M.H.Goddusi Etregiň we Deregeziň häkimlerine garşy göreşde ykrar edilen umumy türkmen serdary Keýmir kör barada gyzykly rowaýaty getirýär [42, 614 s.]. Nedir şa ýogalansoň tekeleriň Ahala köpçülikleýin göçüşi başlanýar [23, 205 s.].

Emma Nedir türkmenleriň Eýran baýdagynyň astynda jemlenmegini welin, gazanyp bilmändir. Türkmen kowumdaşlarynyň hemmesinden özüni goldar diýen tamasy çykmansoň, Nediriň erkin türkmenlere garşy zulumy güýçlenipdir. Boýun egmezek taýpalaryň obalary, suwaryş desgalary weýran edilipdir. Bu bolsa şanyň gazaply sütemine garşy türkmen taýpalaryny aýaga galdyrypdyr. Iri gozgalaňlaryň

biri 1730-njy ýylda bolup, oňa dürli türkmen taýpalaryndan 10 müňe golaý adam gatnaşypdyr [12, 86–87 ss.].

Nedir şanyň türkmenleri ähli ýerden zorluk bilen Eýrana göçürmek we olardan öz leşgerine nöker ýygnamak hyýaly başa barmandyr. Türkmenler jemlenip, Nedir şanyň iberýän jeza beriji ýörişlerini derbi-dagyn edipdirler, türkmenleriň özleri-de köp pidalary çekmeli bolupdyr. Nediriň türkmenlere agyr salgyt salyp, olary dyza çökermek matlaby-da başa barmandyr. 1747-nji ýylda Nedir şa Merwiň ilatyna 850 müň tümen salgyt salypdyr. Nedir şanyň serkerdeleri salgyt töläp bilmedik adamlary jezalandyrypdyrlar. Merwiň beglerbegi Şaguly hanyň ýolbaşçylygynda ilat gozgalaň turzupdyr [12, 87 s.], [14, 47–48 ss.].

Nedir şa gysga wagtda Sefewiler döwletiniň öňki elden gideren ýerlerini yzyna gaýtaryp alyp, döwletiniň bitewüligini dikeldipdir. Ol içeri syýasatda mezhep agzybirligini gazanjak bolupdyr. Yslamyň bu iki ugrunyň arasyndaky düşünişmezligiň soňuna çykmak isläpdir. Ol ýerli hökümdarlaryň hukuklaryny çäklendiripdir. Boýun egmek islemediklerini jezalandyrypdyr. Bu ýagdaý oňa garşy dildüwşügiň döremegine getiripdir. 1747-nji ýylda köşk dildüwşügi netijesinde Nedir şanyň janyna kast edilipdir. Dildüwşüge gatnaşanlar Nediriň agasynyň ogly Alyguly hany tagta geçiripdirler [12, 85 s.]. Nedir şa öldürilenden soň 2–3 ýyldan onuň döwleti birnäçe ownuk döwletlere bölünipdir [15, 76 s.].

1747-nji ýylda Nedir şanyň öldürilmegi bilen awşarlar hanedanlygy ýykylýar. Merkezi Aziýada beýik döwlete – mirasa eýe çykmak ugrundaky gazaply, tas wagşyýana darkaşlar hem göreşler başlanypdyr. Magtymgulynyň özide, maşgalasy-da şol taryhy, harby-syýasy wakalara dahylly bolupdyr. Onuň iki agasy bolsa şol göreşleriň gurbany bolýar. Şunuň bilen baglylykda başlanan gyzgalaňly, dartgynly jemgyýetçilik-syýasy durmuş döwrüň täze gahrymanlaryny we täze ideýalaryny öňe çykarýar. Şol gahrymanlaryň keşbi we şol ideýalaryň beýany Magtymgulynyň onlarça şygrynda taryhy anyklygy hem-de joşgunly äheň bilen suratlandyrylypdyr. Ýazyjy O.Ödäýew döwrüň ykbal kesgitleýji wakalaryna gönüden-göni dahylly bolan türkmenleriň, hususanam, ýomut-gökleňleriň syýasy sahna özbaşdak güýç hökmünde çykyp bilmän, sebit möçberinde häkimlige dalaş eden başga güýçli toparlaryň ol ýa beýlekisiniň tarapynda çykyş edendiklerini dogry belleýär. Magtymgulynyň şygyrlarynda şol taraplaryň üçüsiniň – Rumustanda häkimligi barha rowaçlanýan Osman türkmenleri, owganlar, olaryň öňbaşçysy Ahmet Dürrany, şeýle-de gajarlar we olaryň baştutany Muhammethasan han hem-de türkmenleriň bulara gatnaşygy beýan edilýändigini nygtaýar [19, 14–15 ss.]. Nedir şanyň ölmegi bilen ýurtda dörän syýasy wakalara Magtymguly öz sesini goşupdyr. Ol owgan döwletini guran Ahmet şanyň hereketlerini goldap, oňa oda ýazýar [4, 324 s.].

«Türkmen taýpalaryny birleşdirmek» – XVIII asyrda türkmen jemgyýetiniň öňe çykaran möhüm syýasy meselesi. Kimiň töwereginde birleşmeli? Haýsy döwlete gol ýapmaly? Ine, türkmen taýpalarynyň dagynyklygyna, birek-birekden ruhy üzňeligine ýüregi gyýlan Magtymgulyny tolgundyran möhüm mesele. Gahryman Arkadagymyz türkmen taýpalarynyň birleşmek boýunça düýpli sosial pikiriniň amala aşmagy üçin uly päsgelçiligiň bardygyny, bu asyrda türkmen taýpalarynyň her biriniň aýry-aýrylykda öz ýoluny agtarýandygyny, taýpalaryň arasynda agzalalygyň güýçlüdigini, milli türkmen döwletiniň ýokdugyny, bu taýpalaryň her ýerden pena agtaryp ýörmegi olaryň agzalalygyny artdyrýandygyny, olary biri-birinden daşlaşdyrýandygyny örän adalatly belleýär [1, 6–7 ss.].

Gahryman Arkadagymyz Magtymgulynyň:

*Köňüller, ýürekler, bir bolup başlar,*
*Tartsa ýygyn, erär topraklar, daşlar,*
*Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,*
*Göteriler ol ykbaly türkmeniň.*

diýen setirlerde jemlenen bu ideýasynyň türkmen halky üçin XVIII — XIX asyrlarda milli Sena bolup hyzmat edendigini ýazýar [1, 7, 9–10 ss.].

Magtymgulynyň garaşsyz türkmen döwletini döretmek ugrundaky tagallalary onuň Nedir şanyň dargan döwletiniň binýadynda Owganystanda garaşsyz döwleti döreden Ahmet şa Dürrany bilen gatnaşyklarynda aýdyň ýüze çykýar.

Magtymguly Pyragyda: «Ýa Ahmet şa, ýerde ýaýylyp çawyň» diýen setirler bilen başlanýan «Arşy aglaýa» atly oda[6] bar. Owganystanly alym Mahnaz Ali Aga bu gutlag şygryny Ahmet şa Dürrany hakyndaky ilkinji eserleriň biri hasaplaýar [18, 250 s.]. Edebiýatçy alym R.Rejebow «Magtymgulynyň doglan ýylyny anyklamak ugrunda» atly makalasynda [39, 189 s.] Magtymgulynyň döredijilik şöhratynyň depesine çykan ýyllarynyň häzirki owgan döwletiniň esasyny goýan Ahmet şa Dürranynyň patyşalyk eden döwrüne gabat gelýändigini nygtaýar [4, 294–295 ss.]. Esasy söhbedimiziň şu goşgynyň töwereginde boljagy üçin, geliň, ilki bilen ony dolulygyna okap göreliň.

*Ýa Ahmet şa, ýerde ýaýylyp çawyň*
*Adyň asman gider arşy aglaýa.*
*Gelen nökeriňdir, gelmeýen awuň,*
*Beýiklik zinesin kyl paýa-paýa.*

*Eýrana gylyç ur, ýörüt sypahy,*
*Başyňda berk bolsun döwlet kulahy,*

6 Oda – bir adamy ýa-da bir hadysany wasp edýän şygyr. Özüniň häsiýeti boýunça kasyda ýakyndyr. – *Режебов Р*. Эдебият ылмына дегишли терминлериң сөзлүги. – Ашгабат, 1966, – 103 s.

*Humaýun dagynda şirleriň şahy,*
*Göýä bir läheň sen möwji-derýaýa.*

*Bişeleriň aw aňtaýan şiri sen,*
*Rumustan beýnisi, döwüň biri sen,*
*Zal oglunyň almaz peýkam, tiri sen,*
*Guştasp ogly dek belli belaýa.*

*Pişiň Eýran bolsa, puştuň Turandyr,*
*Dost işiňe hoşwagt, duşman haýrandyr,*
*Ykbalyň açylar, işiň döwrandyr,*
*Merhemet nazaryň salsaň bir jaýa.*

*Şalaryň şalary, yslamyň zeýňi,*
*Pyragy diýr, rowaç biýr sen, sen dini,*
*Emriňe mutyg et Eýran zemini,*
*Ruz-u şeb nalyşym budur Hudaýa* [17, 29 s.].

Ahmet şa (1722 – 1772) Nedir şanyň serkerdelerinden biri bolmak bilen, 1747-nji ýylyň 20-nji iýunynda Nedire garşy bolan dildüwşükde 3 müň atly owgan ýygyny bilen Nedir şany gorap, dildüwşügi basyp ýatyrýar.

Ýewropalylar tarapyndan «Gündogaryň Napoleony» atlandyrylan Nedir şanyň öldürilmegi bilen onuň örän gysga wagtda guran imperiýasy bir demde dargaýar. Nedir şanyň dürli tire-taýpalardan, milletlerden bolan serkerdeleri dargan döwletiň özüne ýetdik parçasyny almaga howlugýarlar. Iň soňky pursada çenli Nedire gulluk eden Ahmet şa şa gaznasyny, goşunyň galan-gaçan top-tophanasyny ýanyna alyp, ümzügini Owganystana gönükdirýär. Ahmet şa Kandagara baryp, 1747-nji ýylyň oktýabr aýynda özbaşdak owgan döwletiniň düýbüni tutýar. Ahmet şa özüne «dürleriň düri» manysyndaky «Dürrany» lakamyny alýar [33, 78 s.]. Bu at soňra onuň abdal taýpasyna hem dakylypdyr. Şeýlelikde, Nedir şanyň imperiýasynyň harabalyklarynda täze ýaş owgan döwletiniň düýbi tutulypdyr.

Özüni Nedir şanyň imperiýasynyň gündogar böleginiň mirasdüşeri saýýan Ahmet şa turuwbaşdan döwletiniň çäklerini giňeltmäge girişýär. Güýçli goşuny döredýär. Taryhy çeşmelerde onuň döwleti esaslandyran uçurlarynda 16 müň adamly goşunynyň bolandygy aýdylýar. Bu goşun Nedir şanyň Hindistana, Buhara, Hywa, Dagystana eden ýörişlerinde taplanan goşundy [10, 103 s.].

Ahmet Dürranynyň esaslandyran döwleti tutuş Orta Gündogaryň uly döwleti bolupdyr. Özüniň gülläp ösüşiniň iň ýokary derejesine ýeten mahaly onuň çäkleri 2 mln inedördül km-den geçipdir [33, 80 s.]. Ol Frank imperiýasyndan iki esse uly bolupdyr. Dürranynyň imperiýasynyň serhetleri Deliniň 100 km golaýyna

ýetipdir, kiçi berkitmeleri hasaba almanyňda, 195 sany galasy bolupdyr [29, 19, 32, 147 ss.]. Owganystanyň häzirki çäkleriniň giňligi 652,2 müň inedördül kilometrdir. Diýmek, Ahmet şa Dürranynyň esaslandyran Owganystan döwletiniň çäkleri häzirkisinden 3 esseden gowrak uly bolupdyr. Eýrany, Merkezi Aziýany, Türküstany, Hindistany birleşdiren kerwen ýollary bu döwletiň üstünden geçipdir [9]. Şeýle kuwwatly döwletiň sahyby Ahmet şanyň özüniň aýtmagyna görä, onuň döwletiniň günbatar etraplary (Owganystan) ony nöker, gündogary (Hindistan) bolsa pul bilen üpjün edipdir [33, 82 s.].

Ahmet şa birnäçe hökümdarlar bilen ilçileri alşypdyr. Hatda onuň döwründe Russiýa bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaga ilkinji synanyşyk edilipdir. Mançžurlaryň Hytaýy basyp almagy netijesinde Russiýa XVIII asyryň ortalarynda mançžurlaryň hereketiniň öňüni alyp biljek ýeke-täk güýçli musulman döwleti hökmünde Dürranylaryň döwletini görýärdi. Hut şu maksat bilen 1764-nji ýylda rus ilçisi Bogdan Aslanow Owganystana gelipdir [30, 82–87 ss.]. Ony Eýranyň Tebes şäherinden şanyň huzuryna çenli iki sany türkmeniň ugradandygy hakda maglumat bar [28, 182 s.]. Emma owgan şasy Hindistanda bolansoň, rus ilçisi onuň bilen gatnaşyklary ýola goýup bilmändir [29, 12 s.]. B.Aslanow Watanyna dolanmak maksady bilen Hyratdan Merwe baranda, Merwiň häkimi Baýramaly han rus ilçilerini gadyr bilen garşylaýar we bu ýerde birnäçe gün bolanlaryndan soň olaryň ýanyna ýolbelet goşup, Çärjewe (häzirki Türkmenabat) tarap ugradyp goýberýär [30, 85–86 ss.]. Rus ilçileri ýolda türkmenleriň ýene-de bir uly atly topary bilen duşuşýarlar. Maňňyşlakly türkmenleriň arasynda birnäçe günläp bolýarlar. B.Aslanowyň ýazgylary Magtymguly Pyragynyň döwri barada gyzykly maglumatlary özünde jemleýär.

Ahmet şanyň günbatar goňşusy Eýran döwletidi. Nedir şanyň ölüminden soň bu döwlet öňki kuwwatyny ýitiripdi, bölünipdi, parçalanypdy, haldan düşüpdi. 1747-nji ýylda Nedir şa öldürilenden soňra, Maşatda onuň doganynyň ogly Alyguly «Adyl şa» ady bilen täç geýýär. Oňa tagtda köp oturmak miýesser etmeýär. Bir ýyldan soň ony öz dogany Ybraýym tagtdan agdarýar we gözüni oýup, zyndana taşlaýar. 1749-njy ýylda Nediriň kör agtygy Şahruh han bilen Ybraýymyň arasynda bolan söweşde Ybraýym ýeňilýär hem-de öldürilýär. Eýranyň günortasynda çarwa lur taýpasynyň baştutany Kerim han Zend bolsa tutuş Eýrany öz häkimligi astynda birleşdirmäge ymtylypdyr. Iňlisleriň Hindistany basyp almagy Kerim hany uly howsala salýar. Eýranyň basylyp alynmagyndan howatyr edip, ol daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary düýpli çäklendirýär. Emma 1756 – 1763-nji ýyllaryň umumy ýewropa Ýedi ýyllyk urşy tamamlanandan soň, 1763nji ýylda Kerim han iňlislere käbir söwda ýeňilliklerini bermäge mejbur bolýar. Russiýa bilen Kerim han gyzgalaňly söwda işlerini alyp barypdyr [3, 24 s.].

Ahmet şa Eýrandaky özara içerki uruşlardan peýdalanyp, ondan Horasan welaýatyny bölüp almaga ymtylypdyr. Ine, şu ýörişde hem ol türkmenleriň goldawyna daýanmakçy bolupdyr. Ahmet şany türkmenler bilen gatnaşyk açmaga iteklän esasy sebäp hem olaryň söweşjeň häsiýeti bolupdyr [10, 105 s.]. Ýeri gelende bellesek, Ahmet şanyň esasy maksady öz goşunynda türkmenleri harby gulluga çekmek bolsa-da, öz göreşine dini öwüşgin beripdir [11, 80 s.].

Ahmet şa Dürrany türkmenleriň özüne bolan söýgüsini gazanmak hem-de olaryň hereketini Eýranyň we Gürgeniň owşar we gajar hökümdarlaryna garşy gönükdirmek isläpdir. 1753 – 1755-nji ýyllarda Maşada we Nyşapura soňky ýörişleri mahalynda Ahmet şa Etrek-Gürgen türkmenleri bilen gönüden-göni gatnaşyk açypdyr. Muňa onuň 1754 – 1755-nji ýyllarda gökleňlere we ýomutlara ýazan iki sany permany şaýatlyk edýär. XIX asyrda ýaşan eýranly taryhçy Muhammet Hasan han «Matla’aş-şams» («Günüň dogýan ýeri») diýen kitabynda Ahmet şa Dürranynyň Maşada ýörişini jikme-jik beýan edip, onuň gökleňleri we beýleki türkmen taýpalaryny Maşada ýörişe çagyrýan iki sany permanyny getiripdir [23, 58–60 ss.]. Bu permanlar barada deslapky maglumaty edebiýatçy Saýlaw Myradow «Asyrlaryň jümmüşinden» atly kitabynda ýerleşdiripdi. Olar ilkinji gezek edebiýatçy alym Aşyrpur Meredow tarapyndan türkmen diline terjime edilipdi [35, 19–26 ss.].

Eýsem, Ahmet şa näme üçin türkmen taýpalarynyň arasyndan ozaly bilen gökleňlere we ýomutlara ýüz tutduka? Biziň ynanjymyza görä, taryhy gowy bilýän Ahmet şa gökleňleriň öz wagtynda musulman dünýäsiniň uly imperiýasy bolan Gaznaly döwletini esaslandyryjy oguzlaryň kaýy boýunyň nesilleridigini gowy bilýär. Bu döwletiň ýüreginiň hut Owganystanda ýerleşip, çawynyň dünýä dolandygy bolsa Ahmet şany has-da buýsandyrýar. Şol sebäpli bolsa gerek, ol ilki bilen gökleňlere ýüz tutupdyr [9].

Ahmet şa türkmenlere ilkinji permanyny Maşady gabap ýatan mahaly – 1754-nji ýylyň 5-nji awgustynda (hijriniň 1167-nji ýylynyň şowwal aýynyň 16-sy)[7] ýazypdyr. Birbada kömege gelmeseler-de, Ahmet şanyň teklibine türkmenler oňyn seslenipdirler. Türkmenleriň wekilleri ençeme sapar onuň huzurynda bolupdyrlar. Munuň şeýledigine Ahmet şanyň permanynda öz kabulhanasynda bolan ýaşulularyň we serdarlaryň 28-siniň adyny tutmagam güwä geçýär. Olaryň arasynda Muhammetweli hanyň, Amanlyk hanyň, Hajy Hasan onbeginiň, Adynagylyç hanyň (ýomut taýpasynyň 600 öýli gojuk urugynyň baştutanlary), Gündogdy hanyň, Çalyş hanyň, Çerkez onbeginiň, Döwletaly hanyň, Adyna-

7 A.Bekmyradow ilkinji hatyň ýazylan senesini 1753, ikinji hatyňkyny 1754-nji ýyl bolmaly diýip tekrarlasa-da (Seret: – *Бекмырадов А*. Магтымгулы хем Ахмет Дурраны // Совет эдебияты. – №11, 1988. – 182 с.), A.Meredow hijriniň 1167-nji ýylyny miladynyň 1754, 1168-nji ýyly bolsa 1755-nji ýyl diýip dogry öwrüpdir. – *Мередов А*. Письма-фирманы Ахмад-шаха Дуррани туркменам // Известия Академии наук Туркменской ССР. Серия общественных наук. – №5, 1977, – С.19–26.

muhammet hanyň, Mustapa hanyň (ol Nedir şanyň serkerdeleriniň biri), Şirmuhammet hanyň, Selim hanyň, Myhal hanyň, Öwezgeldi hanyň, Urus Aly hanyň, Döwletmuhammet hanyň, Gara Esen hanyň, Adynageldi onbeginiň, Aly hanyň (Nedir şanyň serkerdesi), Muhammet Aly uşagyň, Abdylhemit hanyň, Ymamberdi hanyň, Muhammet han Keliň, Pir Gadam Wekiliň, Agamuhammet hanyň, Begenç hanyň, Amanlyk hanyň, Han Muhammet han gökleňiň Ahmet şanyň huzurynda kabul edilendigi aýdylýar. Permanda öňki döwürlerde Rumda, Eýranda, Turanda, Hindistanda musulmanlaryň kapyrlaryň garşysyna göreş edip, yslamyň kuwwatyny artdyrandygy ýatlanylýar. Permanyň indiki böleginde Ahmet şa özüniň niýetini has belerdýär. Nedir şanyň döwründe onuň zulumy astyna düşen musulmanlary azat etmekçidigini, bu ýolda diňe Maşadyň boýun egdirilmän galandygyny aýdyp, ony gabap ýatan ýerinden türkmenlere şeýle ýüzlenýär: «Eger siziň ýokary mertebeli adamlaryňyz hakyky din ynanjy bilen bize goşun we täjirler bilen [kömege] gelseler, olara hiç hili päsgelçilik bolmaz. Allaha şöhrat bolsun, biz [Ahmet şa] goşuna mätäçlik çekemzok. Bu diňe biziň öz dinimiz üçin birleşmek baradaky dini borjumyzdyr. Ähli gatnaşyklarda ynamly bolup bilersiňiz. Işbu permany ýerine ýetirmegi, goý, öz borjy diýip bilsinler» [35, 19–26 ss.], [23, 58–59 ss.].

Birinji permanda Ahmet şa gökleňleriň we ýomutlaryň serdarlary Aly hanyň, Muhammet Aly hanyň, Begenç hanyň, Amanlyk hanyň, Han Muhammet hanyň we beýlekileriň Sebzewar şäherini gurşan owganlaryň ýanynda bolandygy, olaryň dürrany serkerdesi Şah Pesend hana Sebzewary eýelemäge ýardam berendigi gönümel aýdylýar [23, 59 s.]. Olar Muhammethasan hana garşy, has takygy, gajarlara garşy göreşipdirler [4, 302 s.].

Ahmet şanyň türkmenlere ikinji permany hijriniň 1168-nji ýylynyň dört tirkeşigiň dördünji aýynyň 14-ine (1755-nji ýylyň 27-nji martynda) ýazylypdyr. Bu permanda Muhammetweli hanyň, Adynagylyç hanyň, Ganly Gara hanyň we gökleň tiresiniň beýleki adamlarynyň onuň Alyhezretiniň tükeniksiz mährine we uçursyz köp hoşamaýlygyna duçar bolandygy aýdylýar. Nowruz baýramçylygy bellenenden soň şanyň nobatdaky ýörişe çykjakdygy, şoňa çenli türkmenleriň öz garamagyndaky esgerleri bilen şanyň goşun saraýyna tarap ugramalydygy hem-de özüniň din ugrunda söweşýän esgerlerine birikmelidigi nygtalýar [28, 183 s.].

Ahmet şanyň türkmenlere bolan garaýşy oňat bolupdyr. Ol türkmenlerden goldawa hem garaşypdyr. Magtymguly hem Ahmet şanyň türkmenler bilen ýakynlaşmak pikirini goldapdyr [18, 250 s.]. Dagynyk ýagdaýda ýaşaýan halkynyň ykbalyna gyýlan Magtymguly Ahmet şada jebisleşdiriji lideri görüpdir. Türkmenleriň birleşip, özbaşdak döwletli bolmagy üçin, Ahmet şanyň nusgasyny sapak edinmäge çalşypdyr [11, 80 s.]. Oňa bagyşlap düzen «Arşy aglaýa» odasynda ony öwüp, arşa çykarypdyr. Akademik B.A.Garryýew: «Şahyryň odany Owganystanda, Ahmet Dürranyny görüp ýazandygy hem mümkin. Ondaky öwgi setir-

leri iňňän belent ýaňlanýar» [41, 75 s.] diýen pikiri orta atypdy. Magtymgulynyň Ahmet şany görendigi ýa görmändigi hakdaky pikiri ýitileşdirmänimizde-de, akyldaryň öz döwrüniň syýasy meselelerinden çetde galmandygy anyk. Ahmet şa bilen hem döwürdeş, hem deň-duşrak bolan Magtymguly üçin Ahmet şanyň tutumlary oňlanylmaly, döwletli iş. Emma türkmenler onuň permanlaryna birbada oňyn jogap bermändirler. Mesele ilik-düwme öwrenilipdir, ençeme gezek ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Ahyry Ahmet şanyň işiniň şowly boljagyna ynam güýçli bolansoň, olar öz wekillerini onuň ýanyna ibermäge karar edipdirler. Şol wekilçiligiň toparyna goşulmaga Magtymgulynyň özi hem döwtalap bolupdyr. Muňa onuň atasy bilen «Oglum – Azadym» aýdyşyk şygram şaýatlyk edýär. Aýdyşygyň manysy öz döwründe edebiýatçy alym A.Bekmyradowyň [28], taryhçy J.Hatamowyň [15, 77–78 ss.] makalalarynda ilik-düwme edilip tirilipdi. Bu pikirleri gaýtalamazlyk üçin, biz hem Magtymgulynyň abraýly gökleň kethudalary bilen Ahmet şanyň huzuryna baryp, ony şalyk täji bilen gutlandygyna ynanýandygymyzy aýtmakçy. Bu waka şol döwrüň [häzirki döwrüň hem – *J.G.*] diplomatik protokolyna laýyklykda, türkmenleriň öz goňşusy bolan owgan halkynyň täze dörän özygtyýarly döwletini ykrar etmegidi, olaryň öňe çykaran milli öňbaşçysyndan sebitiň çylşyrymly harby-syýasy wakalarynda goldaw-hemaýata bil baglamagydy [10, 108 s.].

Käbir alymlar Azadynyň iki ogly gelmänsoň, Magtymguly olaryň yzyndan gidipdir diýýärler. Aýdyşygyň mazmunynda Azadynyň öň iki ogluny şol ýola ugradyp, olara garaşýany asla duýlanok. Taryhçy J.Hatamowyň pikiriçe, Magtymguly bilen Azadynyň aýdyşygy, Magtymgulynyň Owganystana sapary doganlarynyň Ahmet şanyň ýanyna gitmeginden öň bolupdyr. Magtymguly baryp gelenden soň doganlary yzly-yzyna gidipdirler. Dogany Abdyllanyň 1751-nji ýyldan öň gidendigini Magtymguly açyk aýdýar [15, 78–79 ss.].

Ahmet şa dagynyk ýaşaýan halky bir döwlete birleşdirmegiň nusgasyny görkezdi. Ol türkmenleri öň golastynda bolan döwletiň zulmundan bilelikde çykmaga çagyrýar. Onsoň, näme üçin Magtymguly ony taryplamasyn? Ony «şirleriň şahyna, derýalaryň möwjüne, Rumustanyň beýnisine, Zal oglunyň almaz peýkamyna, Guştasp ogluna, yslamyň zeýňine» deňemesin? Magtymguly Ahmet şada döwlet baştutanynda bolmaly sypatlary görüpdir. Çünki ol uly durmuş tejribesini geçen şahs. Ol ýesirligi we azatlygy, tabynlygy gören, ahyrynda özi hökümdarlyga ýeten adam. 9–10 ýaşlarynda wagty Kandagaryň hökümdary şa Hüseýin ony agasy Zülfikar han bilen bilelikde türmä salýar. Ahmet şa bu ýerde 6 ýyl bendilikde bolýar. Nedir şa 1737-nji ýylda Kandagary eýelände, beýleki ýesirler bilen bilelikde, 15–16 ýaşly ýetginjek Ahmet şa hem azatlyga çykýar. Birnäçe wagtlap agasy bilen Mazanderanda ýaşaýar. Nedir şa Hindistana, Buhara, Hywa ýörişlerinden dolanyp gelensoň, 20 ýaşlaryndaky Ahmet şany şanyň şahsy goragynda duran owgan

goşunynyň serkerdeleriniň hataryna alýar. Çünki ýokarky agzalan ýerlere eden ýörişlerinde Nedir şanyň owgan nökerleriniň batyrlygyna syny oturypdyr. Nedir şanyň taryhçysy Mürze Muhammet Mehdi han hem-de Ibn Muhammet Emin ýaly taryhçylar Nediriň goşunynda 12 müň abdalyň we 4 müň gilzaýyň gulluk edendigini habar berýärler. Öz döwründe göwni ýeten bu serkerdesi barada döwlet geňeşleriniň birinde Nedir şa şeýle diýipdir: «Häsiýeti we özüni göreldeli alyp barşy boýunça külli Eýranda, Turanda we Hindistanda Ahmet hana taý geljek adam ýokdur». Ahmet şa Nedir şanyň gullugynda 6 ýyl töweregi bolup, ençeme ýörişlere gatnaşypdyr. Baý harby we döwlet tejribesini toplan Ahmet şa Nediriň köşgünde iň ynamdar adamlaryň birine öwrülipdir [10, 108–109 ss.].

Magtymguly, ine, şeýle tejribeli adamyň tarypyny ýetirýär. Ahmet şanyň owgan taýpalarynyň içerki agzalalygynyň soňuna çykmak, ähli owganlaryň bir dogandygy hakdaky pikiri olaryň aňyna guýmak baradaky tagallasy milli döwleti – «gaýym türkmen binasyny» gurmagyň arzuwy bilen ýaşaýan Magtymguly üçin nusga. Ahmet Bekmyradowyň nygtaýşy ýaly «Kem-kemden şahyryň ýüreginde Ahmet Dürrany türkmen halkynyň maňlaýyndan diräp, oňa arka durup biljek ýeke-täk adam diýen ynam döreýär». Ahmet şanyň ähli döwlet işlerini owgan taýpalarynyň geňeşinde maslahatlaşyp çözmegi hem ähli zady «ýedi ölçäp, bir kesýän» türkmen halkynyň ruhuna has ýakyn. Ahmet şa ýaly öz halkynyň sesini diňleýän, onuň ýürek urgusyny duýýan hökümdar Magtymgulynyň arzuwlaýan hökümdary [13, 49 s.], [9]. Magtymguly Ahmet şanyň türkmenler bilen ýakynlaşmak pikirini goldapdyr [11, 80 s.].

Edebiýatçy alym A.Bekmyradow «Arşy aglaýa» goşgusynyň tutuş süňňüniň Ahmet şanyň diňe Eýrana ýörişi bilen däl-de, eýsem, öz teklibine oňyn seslenen türkmenler bilen ýaranlykda geçirjek geljekki ýörişleriň geçjek esasy ugurlaryna bagyşlanandygyny nygtapdy. Şol sebäpli Magtymguly bu işleriň şowly bolmagy üçin Ahmet şany öňünden gutlaýar, oňa üstünlik arzuw edýär. Ýörişleriň geçmeli ugurlary bolsa, birwagtlar türkmenleriň ata-babalarynyň çawynyň dünýä ýaýylan zamanlarynda döwlet gurup, arz soran ýerleri. Taryhdan habarly Magtymguly üçin türkmenleriň Eýranyň döwletlilik taryhynda oýnan orny mälim. Ol bu ýurduň esasy bölegi bolan Parsda, Kermanda XI asyrda seljuklaryň özbaşdak döwlet gurandygyndan hem habarly [13, 49 s.], [9].

Ine, şu zatlar hem Magtymgulynyň köňül guşuny hasam asmana galkyndyrýar. Çünki şahyryň türkmene ýene öňki sowlan döwranyň dolanjakdygyna, ykbalynyň galkyp, döwletiň ýar boljakdygyna ynamy pugta. Ahmet şa ýaly ýürekli, garadangaýtmaz serdara uýulsa, oňa goltgy-ýardam berilse, ol bu beýik maksatlaryň amala aşjagyna ynanýar. Ony:

*...Rowaç bergil, ýomut-gökleň birligne,*
*Ol Kemal han owgan bolsun başymyz...*

*... Gam senden sowular, derdiň du:r olar,*
*Kemal han owgan dek äre ýüz ursaň* [17, 508 s.].
– diýip taryplaýar.

Alymlar «Ol Kemal han owgan bolsun başymyz» diýen setirleriniň syryny çözmekden ejiz gelýärler. Taryhçy J.Hatamow edebiýatçy alym A.Bekmyradowyň Magtymgulynyň Kemal han diýýäni Ahmet şa bolmaly diýip, şygry hem şoňa bagyşlap ýazypdyr diýmesi goşgynyň umumy mazmunyna gabat gelmeýändigini, çünki Magtymgulynyň Ahmet şanyň döwründe diňe öz daş-töweregindäki türkmenleri agzybirlige çagyrýandygyny, bu ýerde bolsa milli döwlet döretmek hakynda arzuw edilýändigini, goşgudaky agzalan setir babatda tekstologik ýalňyşlygyň bolmagynyň mümkindigini aýdyp, şahyryň şygyrlarynyň düýpli tekstologik derňewe mätäçdigine ünsi çekýär [15, 83 s.].

Edebiýatçy alym A.Şyhnepesow bolsa «Döker bolduk ýaşymyz» şygrynyň hem gajar türkmenlerine dahyllydygyny, şygryň başyndaky ahmyrdyr armanyň Muhammethasanyň 1759-njy ýyldaky ölümi bilen baglanyşykly bolmalydygyny, şondan soň gajarlaryň baştutany Kemalhan owgan bolandygyny, emma gajarlaryň guran döwletindenem Söýünhany türkmenlerine haýryň az bolandygyny ýazýar. Alymyň ýazyşy ýaly «Olar [türkmenler – *J.G.*] ýene syýasy durmuşyň, döwletliligiň çäginden daşda galýarlar. Onsoň Magtymgulynyň kä Dürranynyň, kä gajarlaryň yzynda jowranyp ýörşüni göreniňde, XVIII asyrda türkmeniň başyndan inen taryhy pajyganyň nähilidigine akyl ýetirýärsiň» [20, 121–122 ss.].

Edebiýatçy alym A.Täjimow Magtymgulynyň «Arşy aglaýa» hem-de «Aly siziňdir» atly goşgularynyň şol bir adama, ýagny Ahmet şa Dürrana bagyşlanandygyna, özem iki goşgynyň hem bir wagtrakda ýazylandygyna ynanýar. Alymyň nygtamagyna görä, Magtymguly olary düýpli medrese sowadyny almak üçin, takmynan, 1756-njy ýylda obasyndan çykyp gaýdýança, entek taryhy-syýasy wakalaryň jümmüşinde bolan mahaly ýazypdyr [22]. Öňde hem nygtaýşymyz ýaly, biz Magtymgulynyň «Aly Siziňdir» diýen belent waspnamany Ahmet şa Dürrana däl-de, gajar serdary Muhammethasan hana bagyşlap ýazandygyna ynanýarys.

Magtymgulynyň Ahmet şadan, onuň başda durmagynda owgan halkyndan edýän tamasy uly. Çünki Magtymgulynyň ýaşan gowgaly zamanasynda türkmen we owgan halkynyň taryhy ykballarynda meňzeşlikler we ýakynlyklar köpdi. Eýsem, olar haýsylar? Özbaşdak döwleti esaslandyrylýança, owganlar hem türkmenler ýaly dagynyk ýaşaýardy. Owgan topragynyň bir bölegi bolsa özbek hanlyklarynyň golastyndady. Olar döwletsizligi zerarly Eýran we Beýik Mogollar imperiýasy tarapyndan olja edilen halkdy. Erkinligi hemme zatdan ileri tutmak bu iki halky ýakynlaşdyrýan esasy sypatlaryň biridi. Şol erkinligi gazanmak üçin myna-

syp serdara ýetmek bu iki goňşy halkyň ikisiniňem arzuwydy. Özbaşdak döwleti döreden Ahmet şa halkynyň watançylyk duýgularynyň «taryna» kakmagy başardy.

Türkmenler owganlardan ýardama garaşyp, öz kethudalaryny Ahmet şanyň huzuryna ýollaýarlar. Öňde olaryň atlarynyň Ahmet şanyň permanlarynda ýekän-ýekän agzalýandygyny aýdypdyk. A.Bekmyradow Magtymgulynyň «Döker bolduk ýaşymyz»[17, 19 s.], «Öňi-ardy bilinmez» [17, 17 s.], «Geçdi diýdiler» [17, 25–26 ss.], «Gökleň» [17, 15–16 ss.] şygyrlarynyň hörpünden çen tutup, ýomutlaryň we gökleňleriň birleşen güýçleriniň Ahmet şanyň Horasany boýun egdirmek ugrundaky ýörişine gatnaşandygyny ýazýar [28, 187–188 ss.]. Bu ýörişde türkmenleriň meşhur serkerdesi Döwletaly aradan çykypdyr. Onuň ady Ahmet şanyň türkmenlere ýazan permanlarynda ilkinjileriň hatarynda agzalýar. «Türküstanyň töresine» [17, 25–26 ss.] deňän bu goçagyň şum ykbalyna gynanyp, Magtymguly «Geçdi diýdiler», «Döwletalynyň» mersiýe-agy goşgularyny ýazypdyr [17, 23–25 ss.]. Edebiýatçy alym B.Saryýew «Geçdi diýdiler» goşgusynyň Çowdur hana bagyşlanandygyny ýazýar[8].

Golýazmalary öwreniji alym R.Godarow Döwletalynyň taryhy çeşmelerde diňe bir ýerde – Ahmet şa Dürranynyň 1754-nji ýylyň 6-njy awgustynda: «...beýik mertebeli Muhammetweli han... Döwletaly han... şanyň tükeniksiz hoşamaýlygyna we soňsuz mähremligine mynasyp boldular» diýip, türkmen serkerdelerini özüne ýardam bermäge çagyryp ýazan permanynda agzalýandygyny ýazýar. Alym Magtymgulynyň ýazan mersiýelerini «tirip», şolaryň umumy hörpünden Döwletalynyň 45-55 ýaş aralygynda dünýäden ötendigini, çünki altmyşa golaýlan adamyň Ahmet Dürrana ýardam bermek üçin uzak ýola söweşe gitmeginiň ynandyryjy däldigini ýazýar. Dürranynyň 1755-nji ýylyň 28-nji martyndaky ikinji permanynda onuň adynyň agzalmandygyna salgylanyp bolsa, Döwletalynyň birinji çakylyga gidip, söweşleriň birinde wepat bolan bolmagynyň mümkindigini çaklaýar [6].

Ýazyjy O.Ödäýew Magtymgulynyň «Döwletalynyň» atly goşgusynda[9] osman türkmenleriniň döwletiniň waspyny ýetirýändigini, bu döwletiň «sünnüýe sütündigini», «äleme dessandygyny», «Yrak ülkelerde, ýakyn illerde, dost-duşmanynyň razydygyny» nygtaýandygyny, şol döwürde osman türkmenleriniň döwleti musulman jemgyýetçiliginde «Döwleti-Ali» diýlip atlandyrylandygyny ýazýar [19, 14–16 ss.]. Taryhçy A.Annaberdiýew Magtymguly Pyragynyň agzalan şygrynyň adynyň «Döwleti A:lynyň» görnüşinde berilmeginiň dogrudygyny, «A:ly» sözüniň gönüden-göni «Beýik döwlet», ýagny «Osmanly döwleti» manysyny berýändigini, onda Osmanly türkmen döwletiniň (1299 – 1922) beýan

8 *Saryýew B.* «Berkarar döwlet islärin» // https://iirmfa.edu.tm/tm/gazet/yas-diplomatyn-sesi-11-61_6450.

9 Magtymgulynyň «Döwletalynyň» atly mersiýe-matam şygryny (Magtymguly. Eserler ýygyndysy. I jilt, – A., 2013. – 23-25 s.) gökleňleriň bu serkerdesine bagyşlap ýazandygyny ençeme alymlar nygtasa-da, bu mesele jedellidir.

edilýändigini anyk aýdyp boljakdygyny ýazýar. Çünki osmanlylar öz döwletlerine «Devlet-i Aliýýe-i Osmaniýýe», «Devlet-i Aliýýe» diýipdirler we gysgaldylan «Devlet-i Ali» (Döwleti Aly) görnüşinde-de giňden ulanypdyrlar [2]. Magtymguly beýik osmanlylaryň we gaznalylaryň gaýy türkmenlerinden gelip çykandygyny gowy bilýär. Ýeri gelende bellesek, Magtymgulynyň özi-de gaýylaryň we dodurgalaryň birleşmeginden emele gelen gökleň türkmenlerindendir. Hut şonuň üçinde onuň öz aslynyň döreden Osmanly döwletiniň şöhratyna bagyşlanan goşgusy has belentden ýaňlanýar.

Ýazyjy O.Ödäýew döredijiliginiň ilkinji kämillik basgançagyna çykan Magtymgulynyň gepiniň äheňinde, her bir sözünde özüniň hem halkynyň geljegine doly ynam, üstünlige hem bagtly günlere garaşmanyň mesaňa görünýändigini ýazýar. O.Ödäýew şahyryň öz syýasy öňbaşçylaryny öwüp arşa çykaranda bolsa, meňzetmeleriň hem deňeşdirmeleriň iň ýokary perdesinden gopýandygyny: olary Günbataryň – Rumuň hem-de Gündogaryň – Eýranyň geçmişindäki iň şöhratly şalara deňeýändigini nygtaýar. Ýazyjynyň adalatly belleýşi ýaly, «Bu döwür Magtymgulynyň beýik zehin çeşmesiniň ýöne bir göz açan däl, eýsem, çüwdürim kimin beýik güýç bilen atylyp çykan, daş ýaran birinji halaty bolmaly. Şeýdip, onuň genisi kitap bilen däl-de, gyzykly hem galagoply, çylşyrymly hem joşgunly döwür, durmuş tarapyndan açylypdyr [19, 14–16 ss.].

XVIII asyryň 50-nji ýyllarynyň wakalaryna seslenip ýazan şygyrlary Magtymgulynyň döredijiliginde iň joşgunly, iň dabaraly şygyrlar bolup galypdyr. Onuň diňe Muhammethasana däl, Ahmet Dürrana bagyşlan kasydalary hem dabara, joşgun bilen dolup dur [19, 16 s.]. Şahyryň öňde we soňda agzalyp geçen şygyrlarynyň ideýa-çeperçilik derňewi türkmenleriň Ahmet şa bolan uly ynamyndan başlanyp, wakalaryň kulminasiýa derejesine ýetmegini, iň soňunda-da şowsuz tamamlanandygyny görkezýär.

Ahmet şanyň 1768 – 1769-njy ýyllarda Horasana uly ýörişinde ony türkmenler köpçülikleýin goldaýarlar. Diňe ýakyn ýerlerden däl, eýsem, horezmli türkmenlerden hem 4 müň atly oňa kömege gelýär. Şunuň bilen Ahmediň Horasana dawasy tamamlanýar. Zamunlykdaky Agamuhammet gajaryň Watanyna gaýdyp gelmezinden öňräk (1773 ý.) Ahmet şa ýogalýar [15, 81 s.]. Ýeri gelende bellesek, Dürranylaryň döwletinde ulanylan harby adalgalaryň hem köpüsiniň türkmen dilinde bolmagy [3, 48 s.] Ahmet şanyň türkmenleriň harby sungatyna, olar bilen ýaranlyga uly ähmiýet berendiginden nyşandyr.

Magtymguly soň hem Ahmet şadan tamasyny üzmändir. Muňa Ahmet şanyň Horasanda asudalygy ýola goýmak üçin 1769-njy ýylda guran ýörişiniň täsir eden bolmagy mümkin. Şol ýyl Ahmet şa özüne tabynlykdan çykmak islän Şahruhy mugyra getirmek üçin Maşada ýöriş edipdir. Şahruhyň uly ogly mürze Nasrullanyň Maşadyň derwezelerini ýapyp, goranmak synanyşygy şowsuz tamamlanýar. Boýun egensoň, Ahmet şa olaryň günäsini geçýär. Şahruh öz gyzy Göwherşa-

dy Ahmet şanyň ogly Teýmire nikalap berýär. Ine, şol ýöriş mahalynda hem türkmenleriň Çowdur hanyň ýolbaşçylygyndaky wekilçiligi Ahmet şanyň ýanyna ýollan bolmagy ahmal [10, 113 s.]. Alymlar Ahmet şanyň ýanyna ilkinji gidenleriň arasynda Çowdur hanyň ýokdugyny anykladylar. Çowdur hanyň soňrak – 1770 – 1772-nji ýyllarda Ahmet şanyň ýanyna gidendigini edebiýatçylar S.Myradow, A.Bekmyradow ýeterlik derejede subut etdiler. Taryhçy J.Hatamow olaryň Magtymgulynyň Çowdur hana bagyşlan goşgularyny ýaş wagty döretmändigini dogry duýandyklaryny şahyryň:

*Many saça bilmez çalaran başym,*
*Büräp aldy any duman, Çowdur han* [17, 22 s.]

diýen setirlerine salgylanyp subut edýär [15, 80–81 ss.].

Edebiýatçy alym A.Aşyrow hem şol setirlere salgylanyp, Çowdur hanyň Ahmet şanyň ýanyna onuň Horasana üçünji ýörişinde Maşady gabaw astyna alan mahalynda 1769 – 1770-nji ýyllarda oňa hemaýat bermek üçin gidipdir diýen netijä gelýär [4, 305–306 ss.].

Emma Çowdur hanyň owgan sapary şowsuz tamamlanýar. Muňa Magtymgulynyň Çowdur hana bagyşlanan elegiýasyndaky:Ahmet patyşadan habar almaga,

*Umyt etdi iller Çowdur han üçin,*
*Sag-salamat baryp, gaýdyp gelmäge,*
*Oňmady ykballar Çowdur han üçin* [17, 20–21 ss.], [5, 142–144 ss.].

– diýen setirlerem şaýatlyk edýär. Magtymgulynyň:

*Göçi-gony bilen gitdi Abdylla,*
*Hemme giden geldi, bular gelmedi.*
*Mämmetsapa gitdi kömek bermäge,*
*Uzadanlar geldi, bular gelmedi* [17, 48 s.].

– diýen setirlerinden çen tutsaň, türkmenleriň Ahmet Dürranynyň çakylygyna köpçülikleýin seslenendigine şübhe ýok. Ýokarky bentde bu kömege diňe Magtymgulynyň iki doganynyň – Abdyllanyň hem Mämmetsapanyň gatnaşandygy nygtalýar. Soňky anyklanan maglumatlara görä, türkmenler Ahmet şa Horasanyň araçäginde uruş gidip durka, kömege ýetişýärler. Söweşde Abdylla wepat bolýar. Mämmetsapa bolsa ýesir düşýär. Ýesirleri ýurduň jümmüşine äkidip barýarkalar, Mämmetsapa gaçyp, Ýezde barýan kerwene daklyşýar. Ýezde golaýlanda kerwenden hem aýrylyp, isaýylaryň taşlap giden ybadathanasynda gizlenýär. Taşlanan ybadathana Ardekan diýen ýerde eken. Soňlugy bilen Mämmetsapa ol ýerde metjit galdyrypdyr. Mämmetsapa jemagatdan çekinip, özüniň türkmendigini, Ahmet şanyň tarapynda durup söweşendigini gizleýär. Rebigullowal aýynyň başynda bu ýere gelendigi üçin adyny soranlara «Rebi» diýip, pars gyzyna öýlenip şol ýerde galyberýär [21].

Wakalaryň yzygiderliginden görnüşi ýaly, Ahmet şa Horasan ýörişinden soň Magtymgulynyň şygrynda görkezilýän ähli ýerlere ýöriş etmegiň aladasynda bolmandyr. Ahmet şa Muhammethasan han gajar bilen göreşde uçran şowsuzlyklaryndan soň Eýrany eýelemek hyýalyndan el çekipdir. «Siraj at-tawarihiň» («Taryhlaryň çyragy») maglumatlaryna görä: «Onuň alyhezretleri Ahmet şa oňatja pikirlenenden soňra ham-hyýallara kowalaşman, diňe owgan şalygy bilen oňňut edip, öz döwletini berkitmegiň aladasy bilen bolsa, oňat boljakdygyna düşündi». Döwürdeşi Kerim han Zendiň (1758 – 1778) XVIII asyryň 60–70-nji ýyllarynda tutuş Eýranyň Horasandan başga ýerlerini birleşdirmegi Ahmet şanyň elini eýran meselesinden sowadypdyr [10, 112–113 ss.]. Ahmet şanyň ogly Teýmir şa Dürrany (1773 – 1793) Merw welaýatyny eýelemäge synanyşypdyr. Taryhçy alym O.Amantyýew muňa 1785-nji ýylda Buhara emiri Şamyrat Welnamynyň Baýramaly hany öldürmeginiň sebäp bolandygyny, bu ýörişe Dürranylaryň Günorta Türkmenistanyň ilatyna ýardam hökmünde garaman, gaýtam Ahmet şanyň tutuş Horasany eýelemek ugrundaky amala aşmadyk meýilnamasyny gaýtadan dikeltmäge synanyşykdygyny belleýär [23, 119–120 ss.].

Edebiýatçy S.Myradow Ahmet Dürranynyň 1755-nji ýylda Maşadyň häkimi Şahruhy kül edip, 1769-njy ýylda hem onuň gyzy Göwherşady öz uly ogly Teýmire alyp berip, Şahruh bilen guda garyndaş bolansoň, owganlar bilen türkmenleriň aragatnaşygynyň öňki hörpüni ýitirendigini belleýär [37, 48 s.]. Edebiýatçy alym A.Şyhnepesow bolsa ol gatnaşyklaryň sowaşmagynyň 1769-njy ýyldan has öň bolup geçene meňzeýändigini çaklaýar. Muňa Magtymgulynyň «Ýüz ursaň» goşgusynyň şaýatlyk edýändigini, goşgynyň mazmunyny şahyryň özünden närazylygy hem-de tamany ödemedik adamdan ýüz dönderip, başga birine ýüz tutmak ündewi emele getirýändigini, şahyryň tamasy çykmadyk ol kişini «namart» sypatyna salýandygyny aýdyp, Magtymgulynyň şol göwni geçeniň Ahmet şa bolmalydygyny ýazýar [20, 119 s.].

XVIII asyryň ikinji ýarymy – XIX asyryň Başlary Orta Gündogary tabyn etmek ugrunda Ýewropa döwletleriniň arasynda «Uly oýun» adyny alan geosyýasy göreşiň başlanan döwri. Ata Watanynda döwletsiz galan türkmenleriň hem şol oýundan çetde galdyrylmandygy düşnüklidir. Eýrany, Owganystany öz täsir zolaklaryna bölmek isleýän Günbatar döwletleriniň özara bäsdeşliginde türkmenleri öz tarapyna çekip, olary öz bähbidine ulanmakçy bolýan şertlerinde Magtymgulynyň geosyýasy «göçüminiň» maksady olaryň hijisine-de ýapja bolmazlyk üçin, türkmen taýpalaryny birleşdirip, özbaşdak döwleti esaslandyrmakdy. Onuň özeninde bolsa şu günki türkmen bitaraplygynyň kökleri ýatandyr.

Ýazyjy O.Ödäýew «Gul bolgul» goşgusyndaky:

*Gargyş gurduň zürýadyny azaldyr,*
*Goýun kibi çar tarapa il bolgul!* [17, 434–435 ss.]

– diýen setirlerde akyldaryň ruhy taglymatynyň bary-ýogy iki setirde jemlenendigini nygtamak bilen, Magtymgulynyň hut uly manyda – tutuş milletiň taryhy ýaşaýyş keşbi, aňyýeti gymmatlyklary manysynda «gurdy» inkär edýändigini, bu ýerde söweş meýdanynyň gürrüňiniň gitmeýändigini ýazýar. Ýazyjy gara güýjüň zoruny inkär etmeýändigini, ýöne ahlak düzgün-ýörelgeleriniň güýji hem, ähmiýeti-de adamzat taryhynda birbada görnendäkisinden has uludygyny jaýdar belleýär [19, 57–58 ss.]. Şu nukdaýnazardan, biz hem milli döwletsizligine garamazdan, XVIII asyrda Orta Gündogar geosyýasatynyň «uly oýnunda» türkmen halkynyň aljyrap, özüni ýitirmändigi, onuň ruhy öňbaşçysy akyldar Magtymgulynyň bu oýunda öz dogry göçümini edendigi barada netijä gelýäris. Şol göçüm bolsa, ýyrtyjylygy, zorlugy özüne ýaran edinen gurda (biz bu ýerde gurdy urşuň siwmoly hökmünde alýarys) ýigrençden ybarat. Munuň öwezine, ýyrtyjylyk häsiýetlerinden hem meýillerinden sap bolan, şol bir wagtda-da kuwwatlylygy, berdaşlylygy, hereketliligi, janlylygy, oýlanyşyklylygy, tertipliligi, saklygy hem-de köpçülik bilen birligi we köplüge ymtylyşy alamatlandyrýan goçy (biz bu ýerde goça parahatçylygyň, özara ylalaşyklygyň simwoly hökmünde garaýarys) gara güýje, hökmürowanlyga garşy goýýar, töweregiňdäkiler bilen ylalaşykda, il bolup, oňşukly ýaşamagyň simwolyny orta çykarýar. Magtymguly göçümi adamyň esasy guraly gylyç däl-de, pikiri diýip tassyklaýan ruhy ýörelgä ýetmegiň meselelerine baş agyrdýan, gylyç, ýarag, at pelsepeleriniň mazmunyna üýtgeşiklik girizen, bütin ömri hem-de taglymaty türkmeniň taryhy ýaşaýşynyň akymyny üýtgetmelidigini, ýarag, güýje däl-de, akyl-paýhasa, ruhy gymmatlyklara gol ýapmalydygyny nygtap görkezen [19, 64–65, 112 ss.] pasifist filosofyň göçümidir. Biziň pikirimizçe, Magtymgulynyň bary-ýogy şu iki setirinde dünýäni türkmençe görmek uslyby, halkara gatnaşyklarynda diňe parahatçylygy ündemek pikiri jemlenendir. Bu bolsa, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkara gatnaşyklarynda öňe süren «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly täze filosofiýanyň binýatlyk esaslarydyr. Şeýlelikde, Magtymguly Pyragy diňe bir şahyr däl, eýsem, türkmen taryhynyň pelsepeçisi [19, 63 s.], döwrüniň çylşyrymly geosyýasy wakalaryndan öňdengörüjilik bilen baş çykaran ussat diplomat, ökde strateg hökmünde türkmen tire-taýpalaryny «bir supranyň başynda jemläp», «ýurt binasynyň gaýym bolmagyna, goýulmagyna», özbaşdak berkarar türkmen döwletini döretmäge çagyran milli döwletlilik Senasynyň Jarçysydyr.

Beýleki türkmen taýpalarynyň ýaşaýan goňşy döwletlerinden ýaran agtaran Magtymguly olaryň şadyr-soltanlarynyň köşgüne dialog üçin diplomatik wekiliýetleriň gitmegini oňlapdyr, hatda özi şolaryň hatarynda bolupdyr. Şu nukdaýnazardan biz, Magtymgulynyň geljekki türkmen döwletiniň daşary-syýasy binýadyny esaslandyrmak ugrunda ägirt uly tagallalary eden başarjaň diplomat bolandygy barada kesgitli netijä gelýäris.

Magtymgulynyň döwlet pelsepesi – «Her kellede han otyr» diýen ownukçyl, çemeçil matlaplardan halas bolup, birbaşly, hemme taýpalary töweregine jemläp, bir agza garadýan, «akarda suw, öserde ýel bolýan», Süleýman ýaly hatda her bir mura-da gulak goýup, olary ynjytmaýan, türkmen ýurduna sahyp çykjak ýeke-täk häkimiň bolmagy. Türkmen taýpalarynyň ruhy birligi hem-de bitewüligi bar şertlerinde Magtymguly birleşeliň, syýasy hem hojalyk dagynyklygynyň soňuna çykalyň diýip pelesaň kakýar. Magtymguly syýasy gurama bolan döwleti esaslandyralyň diýýär. Arman, onuň öz aýdyşy ýaly, berkarar döwleti esaslandyrmak nesip etmändir [19, 109–110 ss.].

Magtymgulynyň çoh garaşan ajap eýýamy geldi. XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda türkmen halky özbaşdak, garaşsyz döwletli boldy. Magtymgulynyň aýdany geldi: türkmen iline döwlet guşy gondy, halkyň döwletliligi, rysgal-berekedi ýylsaýyn artyp gidip otyr [19, 115 s.]. XXI asyryň başynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Döwlet adam üçindir!», peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiz, Arkadagly Serdarymyz bolsa «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsansöýer pelsepesi bilen Magtymguly Pyragynyň arzuwlan zamanasyny wysal edip, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara abraýyny belende göterdiler. Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynda goňşy döwletler bilen, Merkezi Aziýa, Orta we Ýakyn Gündogar döwletleri bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklaryny ösdürmäge uly ähmiýet berilýär.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmany. // Magtymguly. Eserler ýygyndysy. I jilt. – A.: TDNG, 2013.

2. *Annaberdiýew A.* Magtymguly Pyragy we Osmanly türkmen döwleti. // Edebiýat we sungat. – 2014. – 3 iýun.

3. *Annaorazow J., Mamutow A., Hatamow J.* Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy (Täze taryh döwri). Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A., 2013.

4. *Aşyrow A.* Magtymgulynyň golýazmalarynyň derňewi (ylmy derňewler). Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty. – A. 2013.

5. *Bekmämmedowa A.* Magtymgulynyň taryhy şahsyýetlere bagyşlanan elegiýalary. // Magtymguly döwrüniň taryhy (ylmy makalalar ýygyndysy). – A.: Ylym, 2014.

6. *Godarow R.* Nusgawy şygyrlaryň taryhy. // Galkynyş. – 2012. – 25 iýul.

7. *Gurbangeldiyev J.* Services of Azady and Magtymguly in the history of the turkmen-afghan relations in the XVIII century. // Dovletmammet Azady and turkmen life in the XVIII century. – A., 2012.

8. *Gurbangeldiyev J.* The ode of Magtymguly, devoted to Ahmed Durrani. // Magtymguly Pyragy and universal human cultural values. – A.: Ylym, 2014.

9. *Gurbangeldiýew J.* «Ýa Ahmet şa, ýerde ýaýylyp çawyň» Magtymguly Pyragynyň Ahmet Dürrana bagyşlan odalary. // Edebiýat we sungat. – A., 2008. – 2 maý.

10. *Gurbangeldiýew J.* Magtymguly we XVIII asyr türkmen-owgan gatnaşyklary. // Magtymguly döwrüniň taryhy (ylmy makalalar ýygyndysy). – A.: Ylym, 2014.

11. *Gurbangeldiýew J.* Magtymgulynyň Ahmet şa Dürrana bagyşlanan odasy. // «Magtymguly Pyragy we umumadamzat medeni gymmatlyklary». Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. – A.: Ylym, 2014.

12. *Gurbangeldiýew J.* Nedir şanyň täsin ykbaly. // Dünýä edebiýaty. – A., 2022. – №3.

13. *Gurbangeldiýew J.* XVIII asyrda türkmen-owgan gatnaşyklarynyň taryhynda Azadynyň we Magtymgulynyň hyzmaty. Kitapda: Döwletmämmet Azady we XVIII asyr türkmen durmuşy. Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. – A., 14–16.05.2012. – A., 2012.

14. *Gurbanowa O.* Muhammet Kazymyň eseri XVIII asyr türkmen taryhyny öwrenmekde möhüm çeşmedir. // Magtymguly döwrüniň taryhy (ylmy makalalar ýygyndysy). – A.: Ylym, 2014.

15. *Hatamow J.* Magtymgulynyň döwründe syýasy ýagdaý. // Magtymguly döwrüniň taryhy. (ylmy makalalar ýygyndysy). – A.: Ylym, 2014.

16. *Keruenow T.* Türkmen edebiýatşynaslygynyň taryhy. Okuw gollanmasy. – Nöküs, 2019.

17. *Magtymguly*. Eserler ýygyndysy. I jilt. – A., 2013.

18. *Mahnaz Ali Aga (Owganystan).* Magtymgulynyň döredijiliginde owgan temasy. // Magtymguly Pyragy we umumadamzat medeni gymmatlyklary. Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. – A.: Ylym, 2014.

19. *Ödäýew O.* Magtymguly Pyragy. Makalalar – A.: TDNG, 2014.

20. *Şyhnepesow A.* XVIII asyr türkmen edebiýaty. (Tekstiň çeperçilik derňewi). Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: TDNG, 2010.

21. *Taşow A.* Ýezdde ýeri Mämmetsapanyň (Magtymgulynyň dogany barada täze maglumat). // Watan. – A., 2008. – 11 sentýabr.

22. *Täjimow A.* Daýym unutmaz men tylla gapysyn. // Edebiýat we sungat. – A., 2013. – 9awgust.

23. *Амантыев О.* История Туркменистана XVIII века. – А., 1995.

24. *Аннанепесов М.* Магтымгулы ве онуң заманасы. – А., 1990.

25. *Аннанепесов М.* Түркменистаның тарыхындан материаллар. (XVIII асыр – XX асырың башлары). – А.: Магарыф, 1995.

26. *Арунова М.Р., Ашрафян К.З.* Государство Надир шаха Афшара: очерки общественных отношений в Иране 30-40-х годов XVIII века. – М., 1958.

27. *Арунова М.Р.* Фирман Надир-шаха // Советское востоковедение. – 1958. – №2.

28. *Бекмырадов А.* Магтымгулы хем Ахмет Дүрраны. // Совет эдебияты. – 1988. – №11.

29. *Ганковский Ю.В.* Империя Дуррани. Очерки административной и военной системы. – М., 1958.

30. *Ганковский Ю.В.* Миссия Богдана Асланова в Афганистане в 1764 г. // Советское востоковедение. – 1958, №2.

31. *Гурбангельдыев Дж.* Заслуга Азади и Махтымкули в истории туркмено-афганских отношений в XVIII веке. // Довлетмамед Азади и жизнь туркмен XVIII века. – А.: 2012.

32. *Гурбангельдыев Дж.* Ода Махтумкули, посвященная Ахмеду Дуррани. // Махтумкули Фраги и общечеловеческие культуры ценности. – А.: Ylym, 2014.

33. История Афганистана с древнейших времен до наших дней. – М., 1981.

34. *Махмуд ал–Хусайни.* Тарих-и Ахмад–шаха. Книга 1. – М.: 1974.

35. *Мередов А.* Письма-фирманы Ахмад-шаха Дуррани туркменам. // Известия Академии наук Туркменской ССР. Серия общественных наук. 1977, №5.

36. *Мырадов С.* Асырларың җүммүшинден. – А.: 1978.

37. *Мырадов С.* Дүйнки хем шу гүнки эдебиятың аладалары. – А.: 1988.

38. *Өвезгелдиев М.* Магтымгулы «Фетдах» дийип кими назарда тутупдыр. // Эдебият ве сунгат. – А.,1980. – 16 август.

39. *Реҗебов Р.* Магтымгулының доглан йылыны аныкламак угрунда. Кт.: Магтымгулы (шахырың өмрүне ве дөредиҗилигине дегишли макалалар йыгындысы). – А.: ТДН.,1960.

40. *Реҗебов Р.* Эдебият ылмына дегишли терминлериң сөзлүги. – А.: 1966.

41. Түркмен эдебиятының тарыхы. II том. 2 китап. – А.: Ылым, 1976.

42. دوسي، محمد حسين. نادرنامه. - مشهد، ١٩٦٢. Muhammad Huseýin Goddusi. Nadir-name. – Meşhed, 1962.

**Begenç Mätliýew**

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň ylmy işler boýunça prorektory, taryh ylymlarynyň kandidaty*

## TÜRKMENISTANYŇ PARAHATÇYLYGY DÖREDIJI DAŞARY SYÝASATY WE MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ BINÝATLYK YNSANPERWER GARAÝYŞLARY

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan ýurdumyzyň daşary syýasaty we diplomatiýasy, ilkinji nobatda, parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmeklige gönükdirilendir. Döwlet Baştutanymyzyň öňe sürýän halkara başlangyçlarynyň we teklipleriniň yzygiderli durmuşa geçirilmegi bolsa ýurdumyzyň dünýä we sebit syýasatyndaky ähmiýetli ornuny has-da berkidýär we mazmun taýdan baýlaşdyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň hatarynda halkymyzyň şöhratly taryhyny we baý medeni mirasyny aýawly saklamak hem-de bütin dünýäde giňden wagyz etmek wezipesi durýar. Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, «Ata-babalarymyz tarapyndan müňýyllyklaryň dowamynda toplanan medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek